Nobatguly Rejebow,
Kerim Annanow

# GARAGUMUŇ ÝÜREGI

*Uly göwrümli çeper filmiň edebi esasy*

Waka 1922-nji, 1928-nji ýyllarda Garagumuň jümmüşinde bolup geçýär.

Aşgabat. 2007-2009ý.

Aşgabadyň etegindäki obalaryň biri. Barjamly aksakalyň bag-bakjaly öýi. Daşarda iki-üç at gazagynda aýlanyp dur. Ujaýda birnäçe Ullakan jaýda birnäçe aksakal saçak başynda çaýlap maslahat edip otyrlar. Arasynda iki-ýeke Jahylam bar. Törde oba aksakalynyň ýanynda harby geýimli, stalin papakly adam otyr, döşünde iki-üç orden-medaly bar.
Goja ak sakal:- Halmyrat, tüweleme, sen täze hökümediň uly adamsy. Täze hökümet baý-beg diýip galyň adamyň süri-süri dowaryny, sygryny, düýesini elinden alyn gidip otyr. Ak bolup, gyzyl bolup ençe ýyl bäri ýuwan seçegi ýaly ýigitler wepat bolup gidip otyr. Heý, munuň yzy gelmejekmikä?
Harby Halmyrat agyr haşlaýar:
-Haý, ýaşulular, mal bilen, baýlyk bilen sypyp bolsamy?..
-Wah, mallary alsa alyp geçsin, ýöne jüllyketen goýup özüni türmä basyp, sibir edip ýörmesi bolanok.
-Ýaşulular, nätjek-dä, hökümeddiň syýasdaty şeýle: baýlary-begleri, barlylary, ahun-pirleri, Işan-mollalary ýat synp hökmünde ýok edip, garyp gasarlar bilen täze döwlet gursak…
Beý, walla, indi malyň yzyna düşüp serhetden aşmaly bolarmyka?!
Halmyrat:
-Serhetden aşmak bolmaz! Baýlyk diýip yurdy terk edip bolmaz!
Awa seýis:
- Aksakallar, il bilen gelen toýda-baýram diýlendir. Özümiz owarram, başa name gelse görübermeli bor. Ana ýöne päkize atlarymyzyň tohumy tükenip barýar. Her atymy alanlarynda janym gidýär. Men-ä oňlasaňyz atlarymy alyp, obanyň saýlama atlaryny alyp gumuň törüne çekiläýsem diýýän.
Halmyrat:
-Anha, dana maslahat, akyl kep! Awa seýis Garagumuň töründe çekilse, beriň obanyň saýlama tohum atlaryny! Türkmen mydama ejiz düseninde Garaguma çekilýändir… Onsoň obanyň baýlaram-beglerem göçsün, başga etrap, başga oba gyt däl. Görogly beg aýtmaýarmy: Gaçyşym bar kowuşyma bermenem diýip… Başga obalara, etraplara, welaýatlara göçün, ynha ol serhetden aşanyňdan, türmä gideniňden, sibire sürgün bolanyňdan ýuz esse ýagşy bor…
Obanyň kethudasy:
- Hawa-da, adyl ak patyşasyny ýok eden bolşewiklerden gowulygaha garaşmaň…
Maslahat dowam edyär…

Gije. Gara gijäni lerzana getirip bir süri ýylky çapyp gelýär. Ýylky sürüsi gara gijeden çykyp al sähere barýan ýaly ýüzün salyşyp barýar. Gündogar hal atyp, daň agaryp barýar. Sürüniň ýylkybany Derýa gykuwlap, atlaryna meçew berip, kellesini göçürip, bedewini uçuryp gelýär. Ýylky sürüsi gara ýel ýaly owsun atýar. .Ýylkybanyňam kellesi göçüpdir, sarç-sarç atlaryňam!

Günüň dogjak ýeri gyzarýar. Atyny çapdyryp göwün solpudan çykýan Derýa ala şowhun bolup saýda ýaýylyp ýatan kak suwunuň kenarynda zordan atynyň başyny çekýär, ýylkylaram aý berip zordan saklanýar.

Gün dogup gelýär. Kakyň suwy göweçde erän altyn ýaly. Atlar suwa girip suw içýär, bir näçesi suwda oýun edýär.

Kak suwunyň kenary owadan sazaklyk. Birden şaglap bäş-alty sany kepderi gökden inip, kenara gonýar. Birdenem olar gür-gür silkinip bäş-alty sany perizada öwrülýär. Derýäň gözleri höwlenip, haýran galýar.

Perizat gyzlar owadan saza süýnüp-sarkyp, näz-kereşme edip, owsunyşyp, towlanyşyp raksa-tansa başlaýar. Gyzlaryň ortasynda şa gyzy- Melike, onuň başynda owadan jyga.Melike ähli gyzdan owadan, ol Derýa jilwe taşlap, ogryn garaýyşlap raks oýnaýar.

Derýa jadylanan ýaly Melikeden gözüni aýryp bilenok.

Perizatlar bir salym tans oýnaýarlar…

-Heý oglan!

Derýa tisginýar, görse alnyynda bir atly kişi tüpenini gezäp dur. Derýa birde atla, birde gyzlara seredýär. Görse hyýalynda janlanan gyzlar zym-zyýat bolupdyr. Derýa ajaýyp hyýaldan oýaran atla ýigrenç bilen seredýär. Derýä töweregine nazar aýlaýar, asyl dört atly ýylky sürüsiniň daşyny alyp dur. Hemmesem ýaragly.

- Heý, ýylkybaý, bize at gerek, bize at berersiň gerek?

- Aga, bular tohum atlar, jyns atlar! Bularyň eýesi halk! Goragam güýçli!

-Kim bularyň goragy? Ýa senmi?—Ol hahahaýlap gülýär.

Derýa:

-Ýerde men!Ýokarda Hudaý! Töwerekde ýerler-pirler!...

-Göryämiň, biz bäş sany galtaman! Herimize iki at gerek, jemi ýigrimi at bolýar!

Derýa samsyklyga salýar:

- Siz bäş, heriňem iki at alsaň on at bor-da!

-Ýok edäý çarwa hasabyny! Biz bäş adam, herimiz iki atdan alsak, jemisi otuz at bolýar, düşündiňmi?

Gara görnümdäki alandan bir atly çykýar, ol Awa seýis. Ol wakany görýär, dessine atyndan düşüp, aty alandan aňryk geçýär. Ozem bukdaklap ullakan sazaga dublanyp Derýaň alkymyndaky galtamany nyşana alýar.

Derýa: - Agalar, siz galtamanmy ýa at ogrusy?

Galtaman hezil edip lahlahlap gülýär:

-Häzir maňlaýyňdan bir oky goýbärin weli, biziň kimdigimizi bilersiň!—diýip tüpeňini Derýaň maňlaýyna gezeýär…

-Galtaman bolsaňyz alaweriň atlary… ýöne galtaman aga sürüniň Serdary Algyr guş dergazap atdyr. Ýoldaşlaryňa aýt, sürünin aňyrsyna geçsinler, men size gerek atyňyzy bölüp bermesem, ol size ýekeje baýtalam bermez!

Galtaman ellerini hereketlendirip, ýoldaşlaryna görkezme berýär. Olaryň bary sürüniň aňyrsyna geçýär. Derýa töweregine garanýar:

- Aga, size otuz at bolsa bolýamy?

- Kyrk bolsun!

- Al onda kyrkyny!—diýip, Derýa duýdansyz duran galtamana gamçyny salýar, gamçy galtamanyň boýnuna çolaşýar, Derýa bir silkip goýberýär, galtaman tüpeňni bilen atdan agyp seňseleýär. Derýa ala gykuwlap, eýmenç gygyryp sürä garşy urulýar, ýylkybana belet atlar güpürdeşip dört atlynyň üstüne eňýär. Galtamanlar ýylkynyň ortasynda galýar, olar ne atlaryň arasyndan çykyp bilýar, ne atyp bilýär. Derýa bolsa gykuwlap sürini aýlandyryp ýör. Derýa sapançasyny çykaryp ýene bir galtamany atýar. Ol atdan agýar. Başda atdan agan galtaman ozüne gelip Derýany nyşana alýar, emma Derýa atyň o ýanyna geçip gözden ýitýär. Şol pursat Awa seýis Derýany nyşana alan galtamany atýar. Gapdaldan çykan tüpeň sese galtamanlar haýran galýar, olar aljyraýar. Atynyň gapdalynda bukulan Derýa aljyrap bir galtamanyň golaýyna baryp, sapançasy bilen atýar. Onuň atdan aganyny gören galtamanlaryň biri zordan sürüden çykyp ýüzüniň bakyp duran tarapyna gaçýar. Ikinji hem rejäniň geň däldigini bilip sürüden saýlanjak bolýar. Ýylkylaryň arasynda görünmän baran Derýa oňa hem gamçy salýar, birinji galtamany edişi ýaly ony hem atyndan agdaryp seňseledýär.

Galtaman gaçyp barýar, yzyndan Awa seýis… Gaçha-kow…

Galtaman yzyna dönüp birki ýola towhuldadyp atýar, emma Awa seýis atyň ol ýanyna, bu ýanyna geçip okdan sowulýar.

Gaçho-kow…. Awa seýis arany ýygyryp barşyna kement oklaýar. Kement galtamanyň egninden, kellesinden ilýär. Çalasyn Awa seýis bir silkende ol atdan agdarylyp ýerde Çalam-çaş bolup ýatyr…

Ýylkylar guýa inýär, itler hawhawlaşyp çykýar. Derýa:

-Päheý köpeý ogullary! Meniň ýanymda bolanyňyzxda, tomoşa görerdiňiz!

Atlar pure-pür daş nowadan göwünli-göwünsiz suw uçip, bassyrma ýönelýär. Her kesiň öýi-dä!

Derýa atdan düşüp uýanyny, eýerini aýryp göýbertýär, ol hem bassyrma tarap gidýär. Derýa kündükden itleriň ýalagyna suw guýýar, emma olar seretmän, jabşynyşyp guýa üýrýär.

- Asyl siz guýynyň suwuny küýseýäsiňizmi?...Onda garaşyň.

Derýa tamkepbä girip, gara peji otlaýar, soňra daşky geýimlerini çykaryp, guşaklygyna çenli ýalaňaçlap gar bilen ala gykylyk bolup ýuwunýar. Öýe girip süpürinip, kitiri peje goýýar. Itler üýrýär. Derýa daş çykanda olar guýa tarap bakyp üýrýärler.

- Haý, peläketler, siz asyl nowanam gaçyrmany öwrendiňizmi?—diýip, guýynyň demir çarhyny aýlap başlaýar, çarh agyr aýlanýar, emma orangutan ýaly elleri uzyn, atan-satan Derýa agramy bilmeýär. Itler üýrüşýär. –Guýynyň ýyljak suwuny küýseýäsiňizmi?—itleri ne lak atýar, birden guýynyň agzyna gelen gowa gözi düşýär, gowada jowur ak possunly jowura ak köýnekli, jowur aksaçly, jowur ak gyz ak şugla saçyp ýatyr! Garaşylmadyk ýagdaýdan şok bolan Derýa çarhyň aýlawajyny elinden sypdyrýar. Gyzly gowa gidýär otuz bäş gulaçlyk guýynyň düýbüne!

Derýa ngaty gorkupdyr, ol töweregine ýalt-ýult gtarap, ok bolup aýlanyp duran çarha ýapyşýar ýuwaş-ýuwaşdan onuň badyny saklaýar-da öz ozüne:

-Päheý, seniň ýigit bolaýşyňy! Hälem adam-gara ýok ekeni, ýogsam wejera bolma kemiň galmady! Beh, allajanlarym, gowada ak gyz näm işleýärkä?.. Guýuda gyz name işleýsiň! Gözüme görnendir, göwnumedir… Kepderiler ýanyna gonup huýr gyza öwrülýärkä, düýşüne periler-girýärkä… Ýa Öwez tentek meni gorkuzjak bolup bir hokga edäýdimikä?

Ol çarhy aýlap dur, aýlap dur, ahyry gowa guýynyň agzyna gelýär: Derýä gözlerini höwlendirip gyzy synlaýar: Jowur ak geýim-gejimli, jowur ak saçly, jowur ak gyz!

- Eý, Allajan, jyn-arwahmyka? Suw perisimikä? Ýa düýşümmikä? Ýa entek gök örmänkä hüýlenip ýörmiükam?...—diýip. Ol sol ely bilen

ýaňagyna çalýar. –Päheý pekge, ana şol gyz albassam-da, arwaham-da, şeýle owadan gyzdan gorkup… toprak başyňa zamňar!

Ol gowany çekip, mähnet penjeli goluny uzadyp, gyzy gujagyna alýar. Gyzyň geýim-gejiginden suw joralanýar, itler üýrüp onuň yzyna düşýär.

Tamkepbede peç gübürdäp ýanýar, ol gyzy keçede ýatyryp, possunyny çykaryp daşda basylgy odunlara serýär. Derýa öýe gelýär. Gorka-gorka gyzyň elinden tutup görýär, jany bar. Ol boýnundaky ýaglygyny alyp, oturan ýerini süpürýär.

Derýa gyzyň geýimlerini çykarmaly, emma nädip? Ol gözlerini ýumup gyza seredýär, birden allaniçiksi tisginýär:

-Eý, Allam, meniň gözlerim ýumukka-da görýärle?...Aý, akmak, beýle perizady sokur kör görmeýärmi?—diýip ullakan ýaglygy alyp gözlerini ýumup üstünden daňyp başlaýar. Bu mahal gyz öýüne gelýär, gapdalynda orangutan ýaly mähnet belany görüp tisginýär. Ol, ýigit öz geýim-gejimini çykarjak bolýanyny bilip gorkýar, emma geýimleriniň şalpy-şaraňdygyny bilip:

--Saklan --diýip, ysgynsyz dillenýär.

Derýa gözleriniň daňysyny aýryp gyza seredýär. Gyz ýigide seredýär. Ikisiniň nazarlary tapyşýar. Olar hakykatdanda ilkinji bakyşda döreýär diýilýän yşka sataşýar. Hudaý:

“-- Aşyk, agtaraber, magşugyňy diňe nazaryň tapar!” diýenmiş. Birhaýukdan owadan gözlerini çalaja gülümsiredip ak gyz:

-Özüm… diýýär. Gyz orsça gürleýär.

Ýigit diwara asylan haly çuwaldan ilki kamys ýaly ak köýnek- balagyny, soňra ýuwlup goýlan ýupek geýim-gejimini, soňra mawut köýnek-balagyny çykarýar. Ahyry ol ak kamysdan köýnek- balagynyň ýanynda goýýar. Gyz nazary bilen oňa daşaryny görkezýär.

Derýa gapynyň daşynda oýa batyp aýlanyp ýör, ahyry ol gapa gelip gözlerini ýumup:

-Giräýinmi indi?

Gyzyň giräý diýen sesini eşidip, gözlerini ýumup kellesini sokýar, bir gözüni çalaja açyp seredýär: gorse ak gyz onuň ak kamys köýnek-balagyny geýipdir.

Derýa dessine ilki oýlugyny, soňra özüniň täzeje ýorganyny ýazýar. Gyz süýşenekläp ýorgana geçýär. Gyzyň üstüne Öweziň ýorganyny ýapýar, soňra gara gyşda geýýän tüýlek possunyny ýapýar. Derýa gyzyň geýim-gejimlerini gözüni ýumup alyp çykýar, basylgy odunlara ýeke-ýeke seržär. Öýe gelýär.

Ak gyz owadan gözlerini güldürüp, ýigide minnetdarlygyny duýdurýar. Ýene olaryň nazary duşuşýar. Gyz kirpikmen gözlerini üç ýola ýumup ysgynsyz ýylgyrýar…

--Sen azajyk ýataý, çaky gaty horlanypsyň…

Derýa tüpeňini alyp kak suwuna tarap barýar…Derýa bir sülgüni golunda sallap gelýär…Derýa öýe girýär, gyz derläpjik ýatyr. Gije şem ýanyp dur, gyz derläp ýatyr. Daň atyp gelýär, gyz ýatyr, ýigit nazaryny aýryp bilmän otyr. Gyzyň buýra-buýra ak saçlary daglaryň şaglawugy ýaly, bir dessesi ýüzüne düşüpdir. Derýa gorkup gidýär, ol "birden gyz ölen bolaýmasyn" diýen heder bilen gyzyň akja elinden tutýar, ýüregi gürsüldäp gidýär. Şindi elinden tutulyp görmedik gyz çalaja tisginýär, ol gözüni açýar, emma saçlaryň arasynda Derýa gyzyň gözlerini görmeýär. Ol elini silkip aýyrýar, soňra boýnundaky ýaglygy alyp, gyzyň elinden tutan ýerini süpürýär, ony synlap ýatan gyz ysgynsyz ýylgyrýar. Gyza ýigidi synlamak hoş ýakýar. Gyzyň oýadygyndan habarsyz Derýa onuň tüweleý al ýaly ak saçyny sypalap ýüzünden aýyrmak isleýär, gyz gözlerini ýumýar, ýigit desse saçy aýyrýar weli, gyz owadan ýylgyryp halasgärine nazar salýar. Derýadyr gyzyň nazarlary tapyşýar…

Gyz süýem barmagyny gursagyna dürtüp:

--Men Elwira, sen kim?

Derýa onuň hereketini gaýtalap:

--Men Derýa! A sen Elwira!.. Elwira!...

--Derýa!... Derýa!... Derýa!...

Gyz Derýa diýip şeýle bir süýjüdip, gözlerini süzüp aýdýar, Derýa gözlerini süüzüp "Elwira!" diýip süýjedip aýdýar. Olar bior salym birek-biregin adyny gaýtalap ahyry hem gülüşýärler…

Derýa bilen ak gyzyň nazarlary ýyldyrym çakdyrýar. Derýa gyza arşdan Allanyň ýere inderen Gudraty, Keramaty hökmünde seredýär. Gyz mähnet ýaş ýigide özüniň Halasgäri hökmünde seredýär . Ikisiniňem dideleri yşkdan dumanlap dur. Derýa:

-- Ak gyz, ýene ýarym käsejik sülgün çorbasyny içäý diýip, ol käsä ýarpy edip pejiň üstünde duran pitiden çorba guýýar. Gyzyň ysgyny ýok, ol sag goluny onuň boýnunyň aşagyndan salyp, gyza şakäsäni içirjek bolýar, emma sazanaklap, saňňyldap käsäni endiredip dur. Gyz ýigidi synlap owadan ýylgyrýar.

Gyz eljiräp:

-- Hany maňa çorbajyk içir-dä… Melhem eken çorbaň…

Gyzyň göhi gelýär, ýigit sandyrap şakäsäni gyzyň agzyna kynlyk bilen eltýär, ol gara der bolupdyr… Gyz:

-- Eý, Allajan, men şum ajala garaşardym, şum ajala!... Gör-ha, Allam gudraty bilen meni yşka sataşdyrdy… Indi ölsem-de armanym ýok…
--Gyz ýylgyryp içýär, soňra jilwe taşlap ýigide ýylgyrýar. –Eý, Allajan, bilýämiň meniň guýuda näçe gün ýatanymy?.. Meniň bilýänim üç gün… guýa gaçanymda seňseläp näçe ýatypdyryn, ony Alla bilýär…
Ýigit ýene çorba guýup äberýär, sannyldaýar, gyz ýigidiň bolşuna ýylgyrýar, ýigit uýalyp gyzyň ýylgyryşyna ýylgyrýar.
--Seniň ýaly görmegeý, mähriban ýigide duşjagymy bilsem, şol guýuda ýaşamaga-da razy men! – Gyz çorba içýär, ýene owadan gözlerini güldürýär. Ýene nazarlar tapyşýar.

***

Gije üç sany şem ýanyp dur. Olar birek-biregiň didaryndan ganman biri-birine seredip otyrlar. Derýa:
--Ak gyz, men seni söýýän ! Gursagymy ýaryp ýüregimi görkezsem, haýranlar galardyň, sen meniň ýüregimiň töründe yşk mülküniň şasy bolup otyrsyň!
Ak gyz:
--Biz asmandan uçup gelýädik…--diýip sag elini samolýot edip görkezýär. Derýa:
-- Bilýän. Bilýän. Seni ýörite meniň üçin arşy agladan Allajan iberdi. Bilýän… Allajan maňa ilki seni düýşümde görkezdi, şondan soň sen meniň hyýalymda ýaşap başladyň… Soň Allajan seni kepderi edip alnyma gonduryp başlady. Sen keňizleriň bilen gürre silkinip perizada öwrülýärdiň… Ahyram seni hakyky perizat edip iberipdir. Allajan, şeýle owadan perizady bagyş edenine Alla ýalkasyn-ow seni!... Emma suw perisi, sen asmandan gelip, guýa nädip düşüp ýörsüň?
Gyz owadan ýylgyryp:
--Biz şeýdip asmandan uçup gelýädik. Aşakdan galtamanlar şeýdip—uçary hem aşakdan galtamanlaryň atyşyny hereketi bilen görkezýär… atdylar!
--Haý gurrumsaklar, sen kepderi bolup gelýäkäň atdylarmy?... Atandyrlar… bolsa-da… Alla name aman galypsyň. Men seniň—elleri bilen görkezýär –şeýdip asmandan geljegini bilýädim, Hudaýymyň perizat gyzy maňa ýar etjekdigine-de ynanýadym… Sebäbi Hudaýym meniň-a alnymda örän belent maksat goýdy. Şeniň ýaly arşdan gelen perizadym bolmasa, men Allanyň goýan maksadyny amal edip bilmen!
--Eý, Alla! Men dünýä gelip seniň ýaly görmegeý, nurana, dogumly oglany göremok. Men seni Moskwa alyp giderin. Meniň atam Moskwada dünýä belli alym, biz gaty baý ýaşaýas. Kakamy bolsa

hökümet ýörite Aşgabada ýollady… Köp ýyllar bäri Aşgabada uly wezipede işleýär… Meniň doganym hem Daşoguzda uly işde işleýär… Men şonuňka görme-görşe gidip gelýädim… ýolda bizi şeýdip atdylar…--hereketi bilen görkezýar.
--Sen gorkma! Sen bilýämiň nirede? Garagumuň ýüreginde! Keramatly ýerde! Gowuja gutul, men saňa Garagumuň Gudratly ýüregini görkezerin!
Gyz owadan ýylgyrýar:
--Halasgärim, men seni ogşap göräýin-dä! Men saňa minnetdarlygymy dil bilen beýan edip bilemok ahyry…--diýip, gyz emaý bilen Derýanyň ýaňagyndan ogşaýar.
Derýa yşkdan ýaňa, bagtdan ýaňa uçýar! Uçýar! Görse ýanynda ak gyz hem uçup barýar!
--Perizadym, biz arşy agla uçup barýarys!... uçup barýarys!...

***

Gurtguýy atly gum obajygy. Guýuda bary-ýogy edi-sekiz hojalyk ýaşaýar. Ýaş oglanjyklar çapyp barýan düýä münmeşek jedelini edýärler. Berdi atly garagol oglan:
-- Sen Şahym aganyň däli inerine ylgap barýarka münüp bilseň, men garry inerimiziň guýrugyndan tutup, ýere çalyp uraryn.
-- Men inere münerin, ýöne sen başarmarsyň –diýip Hally jedirdeýär.
--Gel jedel edeli!
--Gel

Olar külbike barmaklaryny salamlaşdyryp jedel edýär. Hally Şahym aganyň otlap ýören inerini kowalap başlaýar. Mazaly iner-de öwrendikli bolan şekilli, on iki ýaşly Hallynyň öýünde patanaklap gaçýar. Hally ylgap ineri ýetýär-de aýagynyň başam barmagy bilen süýem barmagynyň syňragyny düýäniň art aýagynyň sinirine basyp, ylgap diýen ýaly ineriň üstüne münýär…

Oglanlar gygyryşyp şowhunyny ýetirýär…

Soňra Berdi bir düýäni kowalap barýar, Berdi bolaýsa on dört ýaşynda, Düýe aýaklaryny jüpläp her bökende üç-dört metre zyňylýar. Berdi düýäniň guýrugyndan tutup, jüpläp bökeninde gapdala silkip goýberýär. Düýe janawer patlap ýanyn düşýär, içikýär. Aýaklaryny debşenekledip, ýerinden zordan turýar. Durdy Ýolbars oglunyň garagollugyny görüp, oňa bakan ok bolup ylgaýar. Berdi jyrraýlyp gaçýar.

Durdy Ýolbars: -Men seniň hamyňy sypyryp Nesimi edýän eşşek ataly! –diýip gygyrýar…

***

Üç adamlyk kiçijek uçar asmandan uçup gelýär.Uçarman harby adam. Onuň ýanynda çaksyz owadan gyz otyr, ýaşy bolaýsa on ýedi. Onuň towar-towap ak saçlary şaglawuk ýaly eginlekden desselenip sagrysyna baryp ýetýär. Egninde gymmatbaha sütükli ak possun. Yzda çaklanja çemodan hem owadan gaplyja skripka.

Harby adam: - Moskwa haçan gidýäň?

-Ýene dört günden…

Gyz ýaňadan sazak tokaýly çölüstany synlaýar.

Uçarman sazak tokaýlygynda alty-ýedi sany atlyny görýär. Atlylaram uçary görýär.

-- Jüneýit hanyň bandalary!

Aşakdan atlylar uçary atyp başlaýarlar. Harby adamyň gahary gelýär.

-- Aňkasy aşanlar! Gör-le, bukulmanyň deregne!—diýip, uçarman uçary ýokaryk galdyryp yzyna aýlanýar. Gyz ýalbarýar.

Uçarman: - Duşmana rehim edip bolmaz! Onda-da ot açýan duşmana!

Samolýot asmandan pessaýlap-pikirläp atlylary pulemýot okuna tutýar, galtamanlar dumly-duşa pytyrap uçary atýarlar. Iki atly atyndan agýar, biri aty bilen agdarylýar. Uçar ýaňadan aýlaw edip gelşine dyr pytrak bolan atlylary pulemýot okuna tutýar. Ýene göge galyp ýaňadan pikirläp olary oka tutýar. Atlylaram garadan gaýdýanlar däl, pöwhe-de pöwhe atýarlar. Birden uçaryň sesi üýtgeýär: patyr-putur ses çykyp başlaýar. Gyzyň gözleri höwlenýär. Uçarman dürli priborlary, tilsimatlary barlaşdyrýar.

--Işler pyrryk!...

--Men saňa aýtmadymmy?

--Elwirajan gorkma!Gorkma!

Uçar patyrdap barýar, atlylar yzda galýar, uçar gitdigiçe pessaýlaýar. Uçarmanyň maňlaýy derleýär.

Ol:- Men gonmaly boldum… Hol takyrlyga ýetip bilsem boldugym… Sen gaç, hol sazaklykda bukul! Men hile bilen galan duşmany hem pürrelärin. Soň uçary oňaryp, ýaňadan Aşgabada uçarys…

Uçar ýere golaýlap gelýär.

Birden maňa bir zat bolaýsa.. gaçgyn… bäş-alty kilometrlikde obajyk bardyr. Türkmenler örän gowy halkdyr… Olar saňa kömek eder…

Uçar gonýar. Gyz düşüp sazaklyga tarap gaçýar, jan edip ylgaýar… Sazaklyga barýar. Uçarman kabinada ölen bolup ýatýar. Üç atly üç tarapdan hüşgär synlap gelýär… Uçarman ýatyr… Olar gaty golaý gelýär.. Gyz sazaklykdan seredýär…Atlylar golaý gelende uçarman iki sapançaly, iki tarapdakyny atýar, olar atdan agýar, üçünji uçara granat oklaýar. Samolýot uçarmany bilen partlaýar. Gyzyl ýalyn tüsse asmana göterilýär. Gyz ýüzüni tutup aglap gaçyp başlaýar…

Gyzyň demi-demine ýetenok, ýöne ol şonda-da gaçyp gelýär. Janam sűýji-dä! Ol bir alaňdan aşýar, görse hanha oýda guýy bar. Guýynyň bärsinde belent gurlan bassyrma. Onda gyşyň sowugynda ýylkylar bolýar. Onuň aňyr ýanynda guýy. Guýudan kyrk-elli ädim aňyrda bolsa tamkepbe.

Gyz bassyrmadan geçýä weli, hanha alysdan űç sany äpet it gyzy görűp okdyrylýar. Gyz gorkýar, aljyraýar. Bassyrma seredip, oňa çykyp bilmejegini bilýär. Eýýäm itler tamkepbä ýetip gelýär. Gyz aljyrap guýa seredýär. Guýynyň erňegi ýerden bir metre golaý ýokarda. Onuň iki tarapyna dikilen utunyň űstűnde çarh bar. Gyz çarha çykyp bilse, itleriň ýarmajagyna ynandy. Ol jaýdan adam çykar tamasy bilen çasly gygyryp guýa bardy. Guýynyň erňegine çykyp, çarha műnjek boldy. Gowasy gurasyn diýlip çarhyň űstűne çykarylyp goýlupdyr. Gyz çarhyň űstűne műndi, indi ony itler ýaryp biljek däldi, ýöne çarh gowşak daňlan eken, gyz deňagramlygyny ýitirende ol gowa bilen aýlanyp gitdi guýynyň içine! Itler guýudan çykan çirkin sese űýrüp başladylar…

***

Gurban gyzyldişiň ogly Őwez tentek hem ýylkybandy, ýöne derýa onuň goşda bolanyndan bolmanyny gowy görýärdi. Şol sebäplem Őwez köplenç onuň azygyny-suwlugyny daşaýardy. Őwez horjunyny egnine atyp pyýadalap, aýdyma zowladyp barýar. Ol her aýdymdan birki bent bileni űçin, her aňňda bir aýdyma gygyrýar.

Pikir-dä, tentegem bolsaň geliberýär-dä! Őwez tentegiň kellesine Derýany gorkuzmak pikiri geldi. Ol tapan hokgasyna hoş bolup gűlűp başlady.

--Derýa han, seni gorkuzyp wägirdişime bir bak!

Ol guýa golaýlap, gyşda atlaryň saklanýan beýik bassyrmasyna dublandy. Dişirgendi, guýynyň şemalynda edilen ýylgyn tamkepbede Derýanyň sesi gelýär. Ol bassyrma bukulyp, tamkepbeden Derýanyň çykaryna garaşyp diň salmaga durdy. Bir salymdan tamkepbäniň gapysy açyldy. Őwez horjuny gapdalynda goýup, donuny gaňryp başyna bűräp eýmenç gygyryp tamkepbä tarap ylgady. Ŷöne tamkepbeden

çykan Derýa däl-de Elwirady. Jaýdan alty-ýedi ädim daşlaşan Elwira Őweziň sesinden, bolup gelşinden gorkup şeýle bir jynssyz gygyrdy. Őwez tenregiň haýýady göçűp, donuny göterip, gyzy görűp göterdi ökjäni, özem şeýle bir çirkin gygyrýardy weli, gyzyň sesi dagy gykylygam däldi.

Őwez ýykylyp-sűrşűp janajygyna gaçýardy, ol birnäçe aňňatdan aşyp yzyna garap, daljygyp ýykyldy, ýöne petreşen gözleri yzynda.

Dűnýä imisala töwerek asuda. Őwez oýlanyp başlady, ýöne içinden oýlanýany daşyndan bolýardy.

--Eý, Taňrym! Gözűme görnendir-le! Daşly guýyda ýalaňaç gyz näm işlesin?! Ŷok , ondan gyz bolmaz! Heý ak saçlam bir gyz bormy?!... albassydyr! Arwahdyr!...Horjunam galypdyr. Bäh, ony nirede galdyrdymkam? Päheý Őwez tentek diýilse Őwez tentek ekeniň-ow! Gurban gyzyl diş gören bolsa hamymy sypyrdy!...Hany Gurban gyzyl dişiň ogly bol!

Garasaý, ol ýűregine daşa baglap yzyna dolandy. Ol gorka-gorka bassyrma duwlanyp bardy guýynyň bäri ýanyndan.Elwira bu mahal geýnip, saçlaryny darap, arkanlygyna desseläp goýberipdi. Ol gorkanyna utanyp, bassyrmanyň ýerleşen belentligine çykyp gorkan oglanynyň yzyndan garap görmekçi boldy. Şol mahal bassyrmanyň burçundan aýlanan Őwez gyz bilen pete-pet gabat geldi. Őwez ýaňadan bir gygyryp gaçandyr, oňkiniň çakam bolmady. Elwira-da onuň yzyndan gygyryp:

--Gorkma, gorkma , men adaty gyz-diýip Őweziň yzyndan ylgady. Őwez bir gaňrylyp garanda ak köýnekli ak saçlary seçelenip gelýän albassyny görűp şeýle bir gidendir, öz gykylygynyň yzyndan ýetip geçdi! Şeýdip Őwez tentek dűnýäde ilkinji bolup sesden ozdy, emme o zaman Ginnesiň kitaby barmy!

Etek alty ýeň ýedi ýykylyp-sűrşűp, elem-tas bolup Gurtguýy obasyna giren Őwez Durdy Ŷolbarsa gujagyna gysyp:

--Őwez! Őwezjan! Näme gördűň? Gorkma! Gorkma!

Őwez saňňyldap, sazanaklap gepläp bilmän zol yzyna ýalt-ýult edip ýuwdunyp dur.

Őweze suw içirip:

--Öwezjan, hany özüňi dürse! Gorkma, sen obada ahyry!

--Őwez sakawlap-sakawlap ahyry:

--Gyz gördűm-diýdi. Onuň daşyny alyp duran guýulylar gűlűşdiler. Durdy Ŷolbars:

--Päheý-de weli! Gyz göreňde beýdip sazanaklap ýörseň, erte Gurban gyzyldyş seni nädip öýererkä? Adamlar ýene gűlűşdiler.

--Daşly guýuda…çuw ýalaňac gyz gördűm…--Adamlar ýene gűlűşdiler. Durdy Ŷolbars:

--Haý bagty çűwen! Çuw ýalaňaç gyz görűbem gaçarlarmy?

--Ow, ol arwah gyz…Saçlaram çuw ak, endam-janam çuw ak, köýnegem çuw-ak!

Durdy Ŷolbars Őweziň gözlerini petredip, sözlerini agyzdan gaçyryp durşuny synlap

--Päheý, zűwwetdin! Ŷerine gelen şeýle bolsa, giden dagy nähilikä!

Adamlar gűlűşýär. Aňyrdan apaň-araň gelýän Gurban gyzyldiş oglunyň wejera bolup durşuna bir ölűp bilmedi. Ol gelşine Őwezi gamçylap başlady. Her hal ara Durdy Ŷolbars girip, Őwez gaçyp ýetişmedik bolsa neressäniň işi gaýtjakdy.

Durdy Ŷolbars:

--Gurban, şahym agany çagyrt! Ol ýöne gorkanyň işi däl…

Garasaý Őwez tentek Gurtguýy obasynyň gűrrűňini täzeledi.

Gyzyň guýudan çykanyna dört gün bolupdyr. Ol mazaly gutulypdyr. Olar daşda. Derýa sygyrýar Ýylkylaryň içinden kişňäp ak at gelýär. Ol:
--Elwira, munuň ady Garçgaý! Ahal alasynyň saýlama aty. –diýip, ol Garçgaýy eýerläp başlaýar. Gyz gorky-ürküsiz „Gargaý, Gargaý!“ diýip atyň boýnundan sypalaýar.
Ol Derýanyň elinden irişme bilen gamçyny alýar, tamkepbäniň ýanyna basylan gyş odunyna ýanap ata münçek bolýar. Derýa:
--Ýok, ýok, münjek bolma, çyrpynyp duran Garçgaýym seni ýykar!
Gyz ýanyn oturýar. Derýa:
--Elwira, ata beýdip münülmeýär. – diýip gülýär.
Elwira atyň boýnuna kakýar, soňra gözlerini höwlendirip gyzyň ýykylaryndan gorkup duran Derýa jilwe taşlap atyň sagrysyna gamçy çalýar. At tüweleýläp gidýär. Derýanyň janynda jan galman atyň yzyndan ylgaýar.
-- Garçgaý, Garçgaý, saklan, gyzy ýykarsyň! Perizadymy ýykarsyň!...
Emma ýykyl nire, görk nire! Elwira şowhun edip Garçgaýy ýüzin salyp takyrlyk bilen guw gidýär. Derýa ank bolup, şok galýar:
--Akmak sen, Derýa! Allajan seni beýik maksada ýetirmek üçin perizat berýär! Heý ol perizadam atdan ýykylarmy? ....Ýene kepderä öwrüläýmezmi?...

***

Gyşyň başynda Ýolamanyň aýaly Ogulla zyýan tapynypdy. Ýolaman aýaly bilen iki hepde Garry çyrla obasynda, aýalyny Halap pire okudyp, Gurtguýa gelýärdi. Aýaly birkemsiz gutulypdy. Ogulla

öňde eşekli, yzda Ýolaman. Ýol sazak tokaýlygynyň içi bilen gelýä. Ýolaman jaý jogabyny etmek üçiň gabaryp duran sazaklygyň aňyrsyna dolandy.

Ýol tokaýlykdan takyrlyga çykdy. Birden Ogulla jajaýlap çirkinden çirken gygyrdy. Ýolamanyň depesaçy syh-syh bolup, hajatyny taşlap aýalyna tarap yglap barşyna, aýaly ýene dälirändir öýdüp gorkup, ol:

--Ogulla, gorkma! Bardym Ogulla! Gorkma!..

Ogulla eşigini çapdyryp aldygyna saýgylap hanha guw gidip barýar. Ýolaman töweregine nazar aýlanda ak atly, ak köýnekli, desse-desse ak saçlary şemala oýnaýan Elwirana görüp ank boldy. Ol gyzdan gözüni aýyrman, dyzyna çökdi. Elwira olaryň özinden bilip öz dilinde "gorkmaň, gorkmaň, men bir adaty gyz ahyry" diýip ýylgyrýardy. Ýylgyryşdan, nurdan ýaradylan ýaly owadan gyzy Ýolaman ertekilerde eşitýän perizadydyr öýtdi. Gözlerini güldürip duran owadan gyza ank bolup, oňa tarap dyzanaklap ugrady. Ol nämedir bir zat samraýardy, ýöne düşüner ýaly däldi. Ýolaman gudrat gören ýaly keramat gören ýaly iki gollaryny galdyryp dyzanaklap barýar. Ogulla allawaradan:

--Gaç ahyry! Ýolaman gaç!

Gyz näderini bilmän owadan ýylgyryp atynyň başyny öwürüp gamçy çaldy. Mes at tüweleýläp gitdi. Ýolaman:

--Perizat! Hüýr-melek!.... Ogulla, perizat maňa gözini güldürdi!—diýip şindem dyzanaklap yzyndan garap dur.....

Öwez tentekden bir gün soň Ýolaman bilen Ogulla-da gurtguýynyň gürrüňini täzeledi.

Derýa bilen Elwira atlaryny ýüzün salyp barýarlar. Düňle çölde at toýnaklary ajaýyp mukam çalýar. Derýa ýylgyryp Elwira seredýär. Elwira ýylgyryp Derýa seredýär.

Derýa äpet aňňatdan aşyp, saýa gelip atyň başyny çekdi, Elwirada saklandy. Olar atdan düşdiler. Derýa gyza düşmäne hemaýat berdi. Ol

--Suwperim, ynha, biz Garagumyň ýüregine geldik! -- ellerini gerýär— Şundan şeýläk entek dünýe döräp duşman toýnagy seken däldir! Maňa ynanaý, mundan beýläk keramatly, gudratly ýer başlanýar. Häzir görkezeýin.....

Derýa çäge ýeri elleri bilen gazyp ojak şekilli bir zat etdi. Bir gysym selini alyp tutaşdylyk edip, kükürt çykaryp, seline ot berdi. Ol ýanyp duran selni ojaga oklady.

Ojak güpläp ýanyp başlady. Elwira gözlerini tegeläp ank boldy....

--Gurbany bolaýyn, gudratly ýer –dä! Gör ýanaýşyny!

Derýa gapdalda ýatan jagrama oduny ojaga atdy, onuň bir tarapy kemsiz tutaşyp ýanyp başlansoň, gyzyň elinden tutup, gurruk guýynyň ýanyna eltdi.

--Seret, muňa gurruk guýy diýerler!

Gyz eglip guýunyň içine seretdi. Derýa gyzy yza çekip, ýanyp duran kesindini guýa atdy. Guýy partlap, bir salymdan tüweleýläp ýalyn asmana galdy. Elwira gorkusyna ýigidiň gujagyna doldy.

--Gorkma, janam, gorkma! ... gudratly, keramatly ýer bu ýerler. Bu taýda gije dagy ýataýsaň gara basyp, ýatyrmaýar.

Ol gyzy äpet sazagyň ýanyna eltip:

--Sen şu ýerde maňa garaş, men häzir gelýän—diýip, sözleriniň terjimesini hereket bilen düşündirdi-de bir towsanda Garçgaýa atlanyp jüw gitdi. Gyz haýran galyp yzyndan garap galdy. Gyz töweregine garandy, soňra Garlawajynyň horjunyndan sapançany alyp sypaşdyrdy....

Derýa atyny ýüzin saldyryp barýar, bir salymda çöl tükenip daglyk başlady, ol şol gidiwüne ýapalajyk daglaryň gujagyna doldy. Ol indi atyny gorduryp barýar. ...

Elwira gurruk guýynyň, ojagyň ýanyp durşyna haýran galyp, ahyry ojagyň alty ýedi ädim aňry ýanyndan elleri bilen bir ojak gazdy. Bir taýajygy ojakda kesindi edip, getirip öz ýasan ojagyna atdy. Ojak güpüläp ýanyp başlady.....

Derýa bir belent dag gerşiniň eteginde atyny goýberip, dumly-duşuna seredýär. Hiç kimiň ýokdugyna göz ýetirip, dagyň etegindäki gaýanyň ýanynda duran düýe ýaly daşa ýapyşýar Derýanyň gözleri yşkdan, göwresi duýgudan hyrçdan ýanyp dur. Ol hähläp düýe ýaly daşy süýşürýär, aşakda gowak bar. Derýa gowaga girýär. Gowakda büküdip gidip bolýar. Ol gowak bilen kyrk ädim çemesi gidýär, gowak petige baryp direýär, ol petikdäki äpet daşy süýşürip, aňyrky gowaga geçýär. Ol gowak has giň. Gowak bilen bir meýdan ýöreýär, onuň öňinden ýene petik çykýar, ol petikdäki daşy süýşürýär. Aňyrda uly jaý: içi durşyna hazyna! Altyn ýerde hem çaşyp ýatyr, gowagyň gapdallaryndanda sandyk-sandyk....

Atyny dabradyp gelen Derýa ank bolýar. Elwira gurruk guýydan asmana zogdurylyp duran oduň daşynda halkalaýyn onlarça ojak gazyp ählisine ot berip ortada dur.

Elwira Derýany görüp ank bolýar: Derýa tamam altyn-kümüşden edilen söweş geýminde. Elinde gylyç-galkan, başynda altyn göwherden

edilen jyga. Derýa horjuny hem atdan düşürýär. Ol horjundan Melikäniň şa gyzynyň jygasyny alyp Elwira geýdirýär.

Başy jygaly söweş egni söweş geýimli Derýa başy jygaly Elwiranyň golundan tutup:

-- Elwirajan! Biz Garagumyň gudraty, keramatly ýüregine aralaşdyk. Gör-hä, heý kerem-keramat, gudrat bolmasa ýer yanar ýatarmy?!.. Bu ýerler keramatly ýerler, bu yerde nämäni arzuw etseň, Hudaýym şonam amal edýär.

Gün ýaşyp barýar.

Derýa: -Gadym-gadym zamanda bir türkmen patyşasy ýabany, wagşy duşmanlar bilen iň soňky demine çenli söweşipdir, ol ähli hazyna-depnesine, göwher jygasyny, söweş geýimlerini Garagumyň ýüreginde bukdurup, ganat bagla pirlerine okadyp-okadyp bu ýerleri dogaladypdyr. Hudaýym bu ýeri maňa düýşümde salgy berdi, men ony huşumda tapdym... Sen asmandan geldiň gerek?

Gyz düşünmedi. Oglan ellerini uçär edip güwledi.

-- Hawa, hawa, men şeýdip asmandan uçup geldim...

Gördüňmi, Hudaýym seni ýörite arşy-agladan maňa iberipdir! Sen Agaýunus peri, a men Görogly! Men islesem-de, islemesem-de Görogly bolaýmaly, Hudaýymyň permany şeýle! Türkmen halky agyr ýagdaýa düşende mydama Görogly ýaly bir gaýratly är döreýär! Türkmeniň ýurduna bolsa häzir gan çaýkalýar. Gyzyl gan bolşewik-menşewik diýip dörän äjit-mäjitler garyp-gasarlary, baýlara-beglere garşy, mömin-musulmanlary, ahun-pirleri garşy uruşdyryp, ýurtda kyýamat gopdurýar. Türkmen ak bolup, gyzyl bolup gyrlyp gutaryp barýar... Dogan-dogana, ogul-ata garşy uruşýar. Biler bolsaň, meniň atamyň bäş ogly bardy, meniň kakam Girman urşunda ölüpdir, galan ogullarynyň ikisi ak bolup, aklaryň tarapynda, ikisi gyzyl bolup gyzyllaryň tarapynda urşup wepat bolýar. Bäş gerçeginden dynan atam meni Garagumyň ýüregine alyp gaçypdyr. Men ýedi ýaşamda görgüli däliräp öldi... Men islesemde-de ata çykaýmaly, islemesem-de!

--Sen nähili ajaýyp ýigit! –diýip ol elleri bilen ýigidiň iki golundan tutup aýlanýar. Töwerek-daşda san-sajaksyz ot ýanyp dur. Ortada bolsa gurruk guýudan çykýan ýalyn gap gara asmany ýalaýar...

--Gara gije asmanda parlak ýyldyzlar patrak ýaly...

--Aşakda halka bolup ýanýan otlar gyzyl güle meňzeýär...

Olaryň arasynda Derýa bilen Elwira yşkdan, bagtdan ýaňa başy aýlanyp, aýlanyşyp durlar...

Ýolaman perizada duşup, hak aşyk, Öwez tentek alabassy gyza sataşyp zyýan tapynansoň, Awa seýis, Gurban gyzyldiş, Durdy Ýolbars ýaraglanyp ýola çykdylar. Olar ilki Datly guýa, Öweziň albassa uçran ýerine geldiler. Alabassy-da ýok, Derýa-da! Üçüsi üç tirkeşik bolup ýylky sürüsini agtaryp başladylar.

Derýa bilen ak gyz at çapyşdyryp beýik bir alandan aşdylar. Derýa görse ýedi-sekiz galtaman ýylkylaryň daşyny alyp sürüp barýarlar. Galtamanlaram olary gördi.

Elwira gorkusyna sandyrap, elewräp başlady:

-Gorkma Melikäm, gorkma!

Galtamanlaryň serdary olara tarap gaýtdy. Derýa:

--How agalar, näme etjek bolýaňyz?

--Galtamanbaşy onuň alkymyna gelip, gyzy synlap durşuna:

--Pah-pah olja diýibem şuňa aýdaýsaň! Hah-hah-ha, ýylkylaryny sürjek, bujagaz gyza:

--How aga, ýylkylar Begmyrat hanyňkydyr Begmyrat hanyň goluna degseňiz,

--Edip serhetden aňyrda satýandyr...

Hah-hah-ha! Gumlularam mekirlik öwrenen ýaly-la? Aý köpeý ogly, biz atlaryň hökümetden bukup ýören tohum atlardygyny bilmeýändir öýdýäňizmi?

--Aga, bu atlar türkmeniň tamam tohum atlary, bularam sürseniz Ahal atsyz galar-da... Dal bedewleriň tohumy ýiter-dä!

-Haý, ogul, balşewik türkmeniň tohumyny tükedip barýa, senem tohum aty gorajak! Sen atmaga dözer ýaly oglan däl ekeniň. Akyllyja bolup ýylkylary sürüşseň, saňa degmeris, ýöne ynha, bujagaz gyz weli meniňki bolar.

Galtamanbaşy gyza owsun atdy, gyz aglamjyrady. Derýa goltugyndan iki sapança çykaryp galtamana gezedi. Birden galtamanyň gözi sapança düşdi. Ol ýasama ýylgyryp:

-Päheý, adamlaryň degşerligem galmandyr-ow!

Derýa pert-pert gürledi:

-Ýoldaşlaryňa derhal atlary sür diý-de gygyr, emma...

-Heý näme aňalyp dursuňyz? Derhal ýylkylary sürüp ugraň!

Galtamanlar ýylkylary sürüp başladylar.Derýa:

--Indi tüpeniň okuny çykar! Çykar diýýän men saňa, haram at ogrusy!Böwrüňi garaladýan ýogsa...

—Galtamanbaşy tüpeniň okuny çykardy.

—Indi maňa okly atarlarynyňam ber!

Galtamanbaşy gözüniň gytagyny aýlady. Onuň ýoldaşlary hanha sürüni aňňatdan aşyryp barýar. Ýumruk ýaly oglana ýesir düşenine namys edip galtaman başy hyrçyny dişleýär.
Derýa: -Tüpenini taşlap!—Ol tüpenini taşlady. Derýa dürre gamçasyny alyp galtamanbaşynyň kibtine bir ýelmedi, gamçynyň ujy onuň boýnuna çolaşdy. Derýa bir dartanda ol atdan agyp düşdi. Derýa gyza hereket bilen düşündirdi, şiz ikinji annada dyrmyşyp barýan atlara goluny bulap:
-- Heý,Garlawaç, dolan Garlawaç dolan diýip atyna gamçy çaldy. Gyzam atyna gamçy çaldy. Olar gykuwlap Gurtguýa tarap ýüzün saldy. Ýylkybanyň ol hereketine werziş bolan atlar galtamanlaruyň arasynda urup çykan ýylkybanyň yzyna düşdiler. Ýylky sürüsi ýmdüzüne çapyp Derýanyň yzyndan eňdi…
Galtamanlar nämäniň nämedigine-de düşünip bilmän Derýa bilen gyzdan pöwhe-de pöwhe atyp sürini kowalap başladylar. Ok ýeterden ara daşdy…
Tüpeň seslerini eşiden Awa Seýis, Gurban gyzyldiş dagy ata gamçy goýdy, olar sazak tokaýlygyndan çykyp ýylky sürüsini kowalap barýan atlylary gördüler.
Durdy Ýolbars:- Pah-pah, Hudaýjan berende beriberýär-ow! Hanha olja, ýigitler!
Olar hellewleşip barýan atlylaryň yzyndan kowdular.
Gaç-ha kow… kowha gaç… tüpeň sesleri… Derýanyň gykuwy…
Bäş-alty ýyl bäri onlarça-onlarça sapar at ogrularyna garşy söweşmäni öwrenen Awa seýis dagynyň ata bökdirilgi horjunynda mydama bäş-alty sözen taýagy, inçe kendir kement bardy. Olaryň tüpene, sapançasam guratdy.
Galtamanlar ýylky sürüsini kowalap barýar, olaryň yzyndan ýetiberen Awa dagy gol boýy sözen taýagyny yzky üç atlydan zybyrdadyp zyňdylar, Iki galtamanyň kellesinden degen golboýy taýak olary atdan agdardy, Durdy Yolbarsyň taýagy pys geçdi, ol ahmyr edip dessine kemendine ýapyşdy. Gulagynyň duşundan zybyrdap geçen taýagy gören galtaman yzyna seretdi, şol mahal Durdy Yolbarsyň oklan kemendi oňa geýdirildi. Durdy Ýolbars sözen taýagynyň pys geçenine ahmyr edip bir silkdi, görgüli galtaman ýerde seňseläp ýatyr. Öňgäki dört atly yzdaky güpür-tapyrdyny eşidip, tüpeňlerine ýapyşyp pöwhe-de pöwhe atyp, gaçyp başladylar… Ýerden çykan ýaly üç item galtamanlaryň üstüne eňdi atlyny atyndan düýelini düýesinden agdaryp ýören itler özüni atyň üstüne oklaýar. Galtamanlar aljyrap, ala basgy bolup gaçýar. Emma ajal

ýaly Gurban gyzyldiş, Awa seýis, Durdy Ýolbars jyn ýaly çalasyn Derýa olary heý sypdyrjakmy?
Atyny ýüzin saldyryp barýan gyz yzyna seredip bolan waka haýran galdy.Derýa hanha galtamanlary kowalap barýar. Gyz yzky kowgy atlary synlap, olar Derýanyň tarapdarlarydygyny bildi.
Agşamara awy oňan Awa seýis dagy sekiz atlynyň aýaklaryny ellerini güýlüp, ýaradarlarynyň ýarasyny sarap, atyň üstüne kese basyp Purtgul indiler.
Durdy Ýolbars lahlahlap:
-- Derýa beg,. Bi olja urşun bilen sen depseň deprenmez baý bolýaň!
-- Bujagaz owadanja gyzy nirden tapyp ýörsiň Derýajan! – diýip, Awa seýis ýylgyrdy.
-- Ony Hudaýjan iberdi! –diýip Derýa gyzaryp, bozaryp zordan aýtdy…
Gurtguýy obasyna tomaşa geldi, kimler Öwez tentegiiň üstünden gülse, kimler Ýolamana degýärdi….

Öýüň arkasynda Derýa bilen Hüýrjemal bilen gürleşip dur, Hüýrjemal:
--Toba,toba ýüwürjim seniň aklyň ýerindemi?
-- Gelneje ol gyzy maňa Hudaýjan berdi!.. ol suw perisi … men oňa öýlenjek
-- Baý, bir as ýaly gyz Garagumy gyrgyna beräýdile… sen ýaşyny bir bilýämiň?...
-- Ýaşynam bilýän name aýdýanynam bilýän, Men o gyzy söýýän!
-- Waý sen Awa kakaňy masgara etjek bolýaňmy? Awa kakaň seni kapyr gyzyna öýärmi?
-- Gelneje, gelneje, heý olar ýaly perizadam kapyr bormy? Ol suw perisi daşly guýydan özüm çykardym…
-- Kapyr şol! Kapyr!
-- Kapyr bolsa menem kapyr boljak! Ol meni söýýär musulmanam boljak diýýär!
-- Awa kakaň seni hatly-sowatly etdi! On ýedi ýaşyň dolan güni Aşgabada äkidip okuwa saljak diýip ýör. Sen onuň yhlasynyň ýüzüne uraýjakmy?
-- Gelneje biz aşyk-magşuk! ol meni söýýär men ony söýýän!
-- Bar onda, kapyr gyzyny söýýän diýip Awa kakaňa aýt!

Derýa Awanyň adyny eşdip tisginýär.
-- Awa kakama aýdyp bilsem, özelenip saňa ýalbarjakmy, gelneje!
-- Haý aşyk ýüwürjim hany aýt ol kimiň gyzy? Nirede ýaşaýar? Sen onuň bilen nädip gürleşip gördüň?... Ertir ol bolşewikleryň ketdesiniň

gyzy bolup çykaýdy-da … Meniň gyzyma zor bilen öýlenipsiň diýip seni-hä it atan ýaly atyp gider! Saňa obamyza gan çaýkatjak aga diýerler!
-- Gelneje jan gelneje, men ony söýýän söýýän!
-- Söýýäniň çyn bolsa garaş. Awa kakaň gyzyň nireden gelenini biljek bolup garry çyrladan orusça bilýän adamy getirmäge çapar ýollady… Garaş

Derýa agyr haşlady…

Nurdan ýaradylan ýaly Elwira gelip Awa seýsin öýüne şowhun şagalaň girdi. Elwira ýekeje söz türkmençe, Hüýrjemal ýekeje söz rusça bilmeýärdi, emma olar uzyn gün gülüşip gürleşýärdi. Gijeler bolsa Awa ikisini alnynda oturdyp, “Göröglydan” ylgar ýöllaryndan aýdym aýdýardy. Moskwada akademigiň atasynyň maşgalasynda aristokrat terbiýesini alan sazçylyk mekdebini gutaran Elwira awanyň aýdymynyň sazynyň muşdagy boldy. Hüýrjemal bolsa owadanja gyz adamsyna aşyk bolandyr, diýip begenýärdi, çünki Durmuş guranlaryna 15 ýyl bolsada olaryň perzende ýüzi düşmedi.

Beglerim häzir boluňlar,
Daglar gümür-gümürlen-deý!
Ýetip Derbendi alyňlap,
Daglar gümür-gümürler-deý!

Elwira uçganaklap söweşe çykjak ýigit ýaly bolup hyruç-hyjyw bilen aýdym aýdýan Awadan gözlerini aýryp bilmeýärdi. Awa aýdymy tamamlap:
Ak gyz aýdymy niçik gördüň?
Hürjemal:
--Hany ahal ýölumyzdan yşky aýdymlardanam aýdyp berdä...
-- Hüýrjäm ýaşajyk gyzjagaza heý yşky aýdym aýdyp bermek bormy?
--Waý, ýaşajyk bolaýşyny onuň! Görmeýämiň ol sen diýip ölüp – öçüp barýar. Awajan, öýlen bujagaz gyza, men güni bolaýyn, gyrnak bolaýyn senden nesil galsa bolýar maňa.
- -Goý, goý, Hüýrüm neresse çagajyga... goýaweri...
--Waý, Ýolaman aga sakgalyňy selkildedip aşyk bolanda... Awajan meniň bagtly bolmagymy isleseň al şu gyzy... Perzendiň bolsa bolýar.
--Hüýrjemal Hudaýym senden perzent berse-hä perzenli borus, ýogsada maňa gaýdyp şeýle gep aýdyjy bolaýma!”

Gapy açyldy öýe giren Ýolaman molla oturyşyny edip Awanyň öňünde oturdy:
--Awajan jan bagşy .. ol goltygyndan haltajyk çykardy ynha ata-babamdan galan hazynam dört ýärym müň tylla ! Ähli düýäm, goýnum-geçim seniňki bolsun! Ber maňa bujagaz perizat gyzy! Men bu perizada aşyk, perizat maňa aşyk! Ol maňa göz güldürip ýylgyrdy.
Awa ýylgyryp:
--Ogulla ýeňňem näme? Çagalaryň näme?
--Maňa Ogulla-da, ogul-gyzda gerekmez! Däliräp jynlyrap gitmegimi istemeseň ber maňa perizady.
Şol pursat gapy açylyp Gurban gyzyldiş, Durdy ýolbars öýe girdi, olar dik duran ýerinden:
--Awa perizady Ýolamana ber, ony garyp görseň, maňa ber!
--Gyzy maňa ber, Awajan, gumda menden baý ýokdur -diýip Gurban gyzyldiş döşüne kakdy.
--Siziň aklyňyz ýerindemi? Bu neresse çaganyň ejesi-kakasy ýokmydyr?
Gurban gyzyldiş aýbogdaşyny gurup:
--Awa, perizady ýa özüň al, ýa maňa ber...
--Ýa maňa ber! diýip – Ýolamanam, Durdy Ýolbarsam seslendi.
Bular ýaly owadan gyzy guýyda saklap bolmaz!.. Bi ýoldaşy bilen Şyhyň düzünde Begmyrat hanyň ençeme atlysyny pürreläpdir. Olaram bularyň münüp gelen aýrapalanyny ýandyrypdyrlar. Dessine birden birimiz öýlenmesek, hä diýmän Begmyrat han sülsady bilen ýetip geler. Duşmanymy öýünde saklapsyňyz diýip seniňä seni-hä bir ýoklar, obanam oka berer. Öýlensek han adamdyr, günämizi geçse geçer...
Awa olary ýeke-ýeke synlady:
--Siziň çynyňyzmy?
Üçüsi üç ýerden:
--Çypbakaý çynymyz – diýip deňine aýtdylar. Awa gaharlanmajak bolup awyly ýylgyrdy.
--Men size sypaýylyk bilen aýdýan: teklibiňiz şol bolsa göteriliň öýden!
Olar gözlerini höwlendirip Awany synlaýardylar. Bir gorkyny duýan gyz naýynjan ýylgyryp olary synlaýardy...
Men size garaňyzy saýlaň diýmedimmi?—Awa garysyna galyp, ýassygyň aşagyndan altyataryny aldy...
Üçüsem daşaryk ugrady...
Ak gyzyň kimdigini niredendigini näme maksat bilen guma düşendigini anyklamak üçin Awa seýis Mürzeçölden Meret orsy çagyrmagy muwessa bildi.. Meret orsy alyp gelmegi Ýolamana boýnuna

aldy. Ýolaman ýol boýy Meret orsa perizady özüne boýun edip berse, köşeli düýe berjekdigini sarga . Meret ors öz aýtmyşy boýunça Girman urşunda, ýagny birinji jahan urşynda bolupdy. Oňa Meret girmanam diýýädiler.

Meret ors Awanyň öýüne wajyp Halda girdi, Ýolaman şol pursadam oňa köşekli düýäni ýatlatdy. Meret ors öýüň töründe keteni köýnekli ak saçlary sagrysynda owsunyp duran owadan gyza haýran galdy. Ýylgyryşdan ýaradylan gyz ýylgyrdy. Meret ors:

--O barşyna.. O çuwiha! Kto tyý – diýdi.

Orsça sözleri eşden Elwira guş bolup uçdy.

--Ýa Elwira. Elwira Abramowna Warşawskaýa ... Men Moskwadan. Atam akademik, uly alym Kakam Aşgabatda halk komissarlar sowetinde işleýär.

--Gowori gowori çort poberi! Kto tyý?

Durdy Ýolbars daş çykyp, daşdakylara ýüzlenip:

--Pahaý, Meret ors diýseler Meret ors ekenow! O rusça dagy jedirdäp duraý...

--Girman dilinede ökdemiş ol...

--Iki ýyl German urşunda bolsaň senem suwara gürlärsiň...

Orsça bilýäne duşanyna begenen Elwiranyň bar keýpi uçdy. Meret ors:

--Ýa pahan! Znaýeş,ýa pahan byl. Ty kto?

Elwira ýene adyny atasynyň adyny aýtdy.

--Çewo petýukaýeş a? Siças brežu mordu! – diýip Meret ors söz zapasyny ahyrlap ýylgyrdy. Elwira “požalusta” diýip ýylgyrdy...

--Ponimaýeş, bärypna! Katys tyý!

Birhaýukdan Meret orsda Awada çykdy. Meret ors wajyp görnüşe girip:

--Awajan, ýylgyran bolup oturanja gyzdan ors gyz bolmaz!

--Onda kim ol?

--Orsuň ýurdundan aňyrda girman ýaşaýar, girmandan aňyrda iňlis. Orsuň saçy sary bolýar, ortabarmak orslaryň saçy gyzylam bolýar. Ojagaşja gyz ýa girmanyň ýa iňlisiň şpiýony, içalysy, jansyzy!

--How-how Meret garagumyň orruk ortasynda nemsisiň şpiýony näm işlesin?

Meret ors dünýä belet ylymdar hökmünde wajyp keşbe girip:

--Hä, hä saňa şipiýon içaly saňa näme işleýänini aýdara...

Gurt guýy obasynyň şemal tarapy giden sazaklykdy. Şahym aga ýoluň ýakasyndaky gaba sazagyň ykyşynda daşyna alty-ýedi çagany üýşürip

okudyp otyr. Olaryň her biriniň öz düşegi, öz kitaby bar. Oganljyklar gyzjagazlar hor bolup okaýar.

Şahym aga ýol bilen gelýän dört bäş aýaly görüp salam berdi, olar salam aldy. Olaryň hemmesi gartaşan aýallardy.Şahym aga ýylgyryp:

--Gelinler kejebeläp-kerwenläp hanjak ugradyňyz?—diýdi. Öňdäki eşekli garry aýal Şahym aganyň "gelinler"diýip degişýänine hoş boldy ol:

Siziň obaňyza bir perizat gelenmiş...albassymyş...arwahmyş...ýaşajyk gyzlygyna garamazdan saçy duz ýaly akmyş diýip eştdik...Ors gyzmyş diýip eştdik. Bizem görmedigimiz görde galan, ak saçly ýaşajyk ors gyzy görüp gaýdaly diýdik-dä...

--Haý Ogulsabyr eje azabyňyz reýgan bolupdyrda...

--Hä, o nä Şahym? Ýa ors gyzly kep ýalanmy?

--Ors diýip ýören gyzymyz girmanyň içalysymyş, işpiýonmyş, jansyzmyş...

--Biljek däl Ogulsabyr eje. Ors gyzy görseňiz görüň, emma ki adyňyzy, haýsy obadandygyňyzy bir aýdaýmaň... erteki gara güne galyp ýörmäň-dä... diýip Şahym aga lahlahlap gülýär. Aýallar gülüşip kerwen bolup ugraýar.

Awa seýis burçak-burçak derläp, dolup-daşyp aýdym aýdýar. Alnynda Hüýrjemal bilen Elwira göze-gulaga öwrülip diňleýär. Daşarda itleriň gohy gelip başlady. Awa dutaryny goýup, altyataryny alyp gyrmyz donuny ýelbegeý alyp çykdy.Daşardan at toýnaklarynyň güpürdisi, itleriň sesi gelýär. Hüýrjemal çuwalda duran bästary alyp,, ok sürüp gulagyny gaýtaryp durlukdan garady. Elwira-da çuwalda duran bäşatarlaryň birini alyp Hüýrjemalyň ýanyna bardy. Olar atlylary synlady.

Awa seýs on bäş atlynyň ýanyna bardy. Atlylaryň serkerdesi öňde:

--Awa bagşy, salawmaleýkim.

--Waleýkim begler.

Bu mahal Gurban gyzyldiş, Durdy Ýolbars, Ýolaman sakgal, dagam tüpeňini alyp atlylaryň alnyna gelipdi.

--Bagşy, biz hezreti Begmyrat hanyň begleri! Men begler begi Haly beg! Seniň öýüňde biziň duşmanymyz kapyr gyzy bar diýip eşidip geldik. Derhal gyzy çykar!

--Ol gyz meniň myhmanym. Men dirikäm myhmany berer öýdýäňizmi?

--Gyrlyşman gyz bermeris! –Ýolaman hemmeden öňürti.

--Awa bagşy, ondan myhman bolmaz! Ol ýoldaşy bilen Hezreti Begmyrat begiň ýedi atlysyny pürreledi. Ýoldaşyny aýrapalany bilen

ýandyrdyk, gyz bolsa ujyz gutuldy. Ol biziň duşmanymyz! Hezreti Begmyrat hanyň duşmany!

Awa seýis synçy nazaryny aýlap atlylaryň içinde Begmyrat hanyňam bardygyny anyklady, sebäbi atlylaryň käbiri her jümleden soň yzdaky atla seredýärdi.

Awa:- Bä, biz Hezreti Begmyrat beg Watan üçin, il-ýurt üçin ata çykan beýik han diýip daşyndan buýsanyp ýordük, asyl Begmyrat han ýumruk ýaly neresse çagany hem duşman saýyp ýörmi?—diýip, ol gabak astyndan Begmyrat hany synlady.

--Hezreti Begmyrat hana baha bermek saňa galmandyr, bagşy! Gyzy çykar diýdimmi gyzy çykar, ýogsam obaňyzy oda tutup, hökümetden bukup ýören atlaryňyzam süreris.

-- Beýle bolsa türkmen däbini ýöredip ýapa ýaplanyşalyň! Bizi gyraň-da äkidiberiň “Naçar duşmanyňyzy!”

Birden atlylaryň hemmesiniň gözleri höwlendi. Oýden keteni köýnekli towlam-towlam ak saçlary sagrysyndan geçip owsunýan Elwira çykyp, göni bir bege tarap göneldi. Ol öýüň durlugyndan begiň elindäki skripkasyny görüpdi. Ol begiň ýanyna bardy, beg aňk boldy, gyz onuň elinden skripkasyny alyp, dessine gabyndan çykaryp düzüp Çuwal bagşynyň “Daglara” aýdymynyň sazyny çalyp başlady. Awa bagşydan öwran-öwran eşiden aýdymyny Elwira şeýlebir elendirip çalýardy, begler gyza haýran galyp, gözlerini höwlendirip diňleýärdiler. Gyz sazy şeýle ajap çalýardy, saz soňlanan badyna yzda özüni tanatman duran

Begmyrat han:- Bagşy, myhman alsaň, atdan düşeýli…

--Begmyrat beg myhman düşse söwüşläp, serpaýlap myhman alarys…

Ýolaman, Durdy, Ýolbars dagy Begmyrat hana gözlerini höwlendirip seretdi.

Olar atdan düşdüler…

## 24

Iki sany kiçeňräk toý gazany gaýnap dur. Gazanyň başy, Awa bagşynyň öýüniň daşy gaýda-gaýmalaşyk. Kimler çaý çekýär, gazanlaryň birinde börtme, birinde palaw atarylypdyr. Durdy Ýolbars başyny ýaýkap :

-- Awanyň bagşylygy, perizat gyzyň sazandalygy obany halas edäýdi... Gylyçgemren Begmyrat beg gyzy bir aparardy, obany pürrelemekdenem gaýtmazdy....

Begmyrat han törde körpeçäniň üstünde güberip oturşyna gözlerini süzüp aýdym diňleýär. Awa Ahal ýolundan nama aýdýar, onuň ýanynda keteni köýnekli Elwira skripkasyny  çalyp bagşyny kowalaýar. Gysylyşyp ýeke dyz oturan nökerler durşuna göze öwrülip ak saçlary desse-desse gyza seredýärler.

Aýdym tamam bolýar:

-- Berekella, bagşy ömrüň, uzak bolsun!

Daşarda Durdy Ýolbars Gurban gyzyldiş dagy hem aýdym diňleýär, hem nahara seredýär.

***

Sähetli güni Gurtguýusynyň ýerden ýöräni ak gyzy ugratmaga üýşdi. Elwira hem begenýädi, hem Derýadan aýrylyp barýanyna gynanýardy. Hemmeler geldi, diňe Derýa ýok. Gyz bolsa delmirip, nazary bilen Derýany gözleýär. „Derýa, Derýa nirede“ diýip elewreýär. Kerwen ýola taýynlandy. Ilki Hüýrjemal düýä mündi. Edil şol pursat Garçgaý guşuny uçuryp Derýa ýetip geldi. Ak saçly ak köýnekli Elwira ak durna ýaly ganat kakyp begenjinden tas uçupdy. Derýa nepesini üýtgedip, hiç kime nazar salman atdan towsuşyna gyzyň ýanyna geldi. Gyz begenjinden gözlerini ýaşlap „Derýa! Derýajan!“ diýip bir zatlar diýýärdi.

Derýa gyzyň gözlerine dogry bakyp golaýyna geldi, onuň iki goljagazyndan tutup:

-- Hoş! ýene duşuşýançak!  diýip gyzy bagryna basdy.

Gumlylar aňk bolup ýakasyna tüýkürdiler. Birdenem Derýa bir tosanda Garyçgaýyna münüp çaldy gamçyny. Elwira gyz yzyndan bozlap, bagyryp aglap galdy. Ýüregi barlaram bozuldy, ýüregi ýoklaram.... Aýallar uwlap duran gyzy hataba göterip mündirdiler.

Gurban gyzyldiş bilen Durdy Ýolbars Awa seýsiň  ýanyna gelip:

-- Biz birki menzil ugratjak... Bilip bolmaýar goragda borus...

Awa ýylgyrdy:

--Sizden bizi kim gorasyn? Gerek däl!

Şahym aga ak pata berdi. Kerwen ýola düşdi.

Bu mahal Derýa atyny ýüzin saldyryp, düňle çöli lerzana getirip çapyp barýardy, gözlerinden akýan ýaş ýaňaklaryny, ýüzüni ýuwupdy...

Ol sessiz aglaýardy..

Suwperisinden jyda düşen Derýa dünýä sygman Garçgaýyny kä çapdyryp, kä gordurup, kä  ýorgasyna goýberip gidip otyr, niräk barýanynam, näçe ýol geçeninem bilenok. Ol gözlerinden ýaşyny

akdyryp gidip otyr, hamana şeýdip ýol geçip aýralyk dünýäsinden çykyp bolýan ýaly.

Ol golaýda otlap ýören sürini görüp, suwsuz ölüp barýanyny duýdy. Ilki itler, soňra süriniň çopany ylgap çykdy. Derýa gözýaşyny gowy süpürse-de, aglamakdan ýaňa gözleri çym gyzyl bolupdy.Çopan salam berip, oňa çiňňerilip bakdy:

-- Çopan suwuň barmydyr?

-- Doganym işjegiň suw bolsun! Geçi süzmesinden çal edip bereýin, düş atdan.

Derýa atdan düşüp Garçgaýany ota kowdy. Olar tirkeşip goşa bardy.

Derýa meşigi başyna çekdi, ony synlap oturan çopan:

-- Doganym agladyňmy? — diýdi. Derýa baş atdy.

-- Doganym, ýetimiň?...Ýetimsiň... Menem ýetim. Ne ata, ne ene, ne dogan, ne dolanan bar!

Üstesine-de ... –Ol bozuldy, sesi agyly çykdy – üstesine-de eziz Watandan-da jyda düşdim. Üç ýylyň içidir gören ýeke türkmenim sen!.. Üç ýylyň içidir jiger-bagrymy paralap gije-gündiz malyň yzynda aglap ýörendirin, doganym... diýip ol aglady.

Çopana Derýanyň ýüregi awady, haýran galdy:

-- Watandan aýrylar ýaly seniň ýurdyň nirede?

-- Aýböwürli men! Türkmenistandan... Türkmenistanyňam Was diýen ýerinden . Ýetimdim, ýalňyz hossarym, hojaýynym Işanguly baý... wah Watanymyň didaryny ýekeje gezek görüp, Watanymyň topragyna dabanymy basyp ölsem armanym ýok.

Derýa oňa haýran galýar, derdi agyr bolmasa ol hahaýlap gülerdi, ýöne özini saklady:

-- Doganym sen Türkmenistanda! Sen öz ýurduňda!...

Çopan ol özüni oýnaýandyr öýdip, heşerlendi:

-- Doganym, men çopan-da bolsam, ýetim-de bolsam nadan däldirin! Işanguly baý ýigrimi dördünji ýylda malyny-halyny alyp Owganystana gaçdy, menem sürekçisi. Ýedi gün ýol ýöräp serhetden aşdyk, soňam bäş gün ýöräp şu ýerde mesgen tutdyk...wah Watan!...

Süriniň itleri alysdan gelýän atlyny görüp gitdiler. Çopan gorka:

-- Haram! Baýym gelýä...

-- Watanyňa gidesiň gelýämi? Çopan mölerip seretdi.

-- Wah, Watanyma baryp ölmäge-de razy men!

-- Erkek sözmidir?

-- Erkek sözdir!

Deŕya desbi-dähil atyna atlandy, baý hem gelip ýetdi, onuň arkasynda berdeňke bardy. Ol Deŕya ýigrenç bilen seretdi, hatda salamynam sowuk-sala aldy. Baý:
-- Annamyrat, al saňa iýer-içer getirdim.
-- Garçgaýa atlanan derýa sapançasyny çykaryp:
-- Baý aga, atdan düş-de, tüpeňiňi Annamyrada ber!—Baý gazaplandy. Deŕya altyataryň bir okuny baýyň telpeginden goýberdi. Telpegi başyndan atylyp giden baýa dessine akyl geldi. Ol atdan düşip berdenkesini Annamyrada berdi.—sapançaň bilen hanjaryňy, guşagyň donyň bilen ber!. Mundan buýana malyňy öziň bakarsyň! Annamyrat, dessine baýyň geýimlerini geý!

Baýyň geýmine giren Annamyrat Deŕya bilen at çapyp guw gitdi. Baý talabanyň ýyrtyk-ýirik donyny ýigrenç bilen gyra oklap, olaryň yzyndan garap galdy.

***

Awa öňde atly, yzynda Elwiranyň münen düýesi, onuň yzynda Hüýrjemalyň düýesi düňle çöl bilen mytdyldap barýar. Awa düňle çöli ýalandyryp aýdyma zowladýar.

Kerwen gidip otyr... Hüýrjemalyň ýüregi bulanýar, ol heläk.
Aýdymy tamamlan Awa:
--Hüýrim saňa näme bolýar? Ýola çykanymyz bäri sen heläk....
-- Göwnüňedir.. maňa hiç zadam bolanok.
-- Meniň ýeňsämde gözümiň bardygyny unutma! Saňa bir zada bolýar... Onsoňam bizi kimdir biri yzarlaýar...

Hakykatdanam Deŕya bilen Annamyrat kerweni yzarlap barýar. Ikisiniň-de ýaragy gurat. Deŕya häli-şindi dürbi tutup olary synlaýar. Bir gün Deŕya:
-- Annamyrat, doganym, dogry günüň ýaşýan ýerine tarap gönüläp gidibersen agşama çenli Aşgabada bararsyň. Me saňa pul. Şähere ýetmän atyňy goýber, ýaragyňy zyň, ýogsam seni tutarlar. Şäherde otly bilen iliňe aşarsyň!
-- Menem seniň bilen gitjek!
-- Sen meniň diýenimi ediber! Meniň maksadym belent. Bir zamandan bir zaman Deŕya han atly ýgnaýamyş diýip eşitseň, meniň ýanyma gelersiň! Patyşa bolupdyr Deŕya diýip eşitseň gelersiň! Düşündiňmi?

***

Ençeme günläp ýol ýörän kerwen mytdyldap gidip barýar. Hüýrjemalyň ýüregi bulanýar, ol ony adamsyndan, gyzdan bukjak bolup heläk. Ömründe düýe münüp görmedik Elwira düýe dursada yraň atyp duran bolupdyr. Elwiranyň ýürejigi sessiz aglaýar. Kerwen sazak tokoýlygyndan çykyp bir beýik aňňada bardy. Edil şol pursat on bir atly ýaragly esger aňňada çykdy. Duýdansyz duşuşykdan iki tarapam aljyrap ýaragly, ýaragyna ýapyşdylar. Elwira olary synlap:
-- Kaka! Kakajan! Bu men! Men Elwira – diýip yzly-yzyna gygyrdy. Esgerleriň arasyndaky stalin papakly harby adam elini kölegeldip seredip:
-- Elwira!—diýip gygyryp atdan özüni zyňdy, ol ýykylyp – sürşüp gyzyň münüp oturan düýesine tarap ylgady. Eýýäm gözlerini ýaşlap ýetişen Elwira düýäniň üstünden kakasynyň gujagyna özüni oklady. Ataly gyz aglaşdylar. Hüýrjemal Awa, Awa Hüýrjemala seretdi.

Äpet ojaryň üstüne çykan Derýa olary dürbüde synlaýardy....

***

Gurtguýynyň erkek göbeklisi Durdy Ýolbarsyň möjekhanasynyň arkasyndaky giň meýdana üýşüpdir. Ortada möjek, onuň zynjyry Durdy Ýolbarsyň elindedi. Möjegiň kellesine gaýyşdan-gönden tor torba geýdirilipdir. Durdy Ýolbarsyň ogly ýaş ýormança köpekleri möjegiň üstüne küşgürýär. Mähelle gykuwyny ýetirip:
-- Haý Alabaý bas!
-- Haý Aždarym parçala!
-- Haý Boýnagym, gap!

Agzy gaýyş torly möjek biçäre olary ýaryp bilenok. Janköýerleriň şowhundan, meçew alan ýaş köpekler agzy torbaly möjegiň üstüne ýerli ýerden çozup dişleýärler. Möjek kellesi bilen süsüp, aýagy bilen kakyp ýaş köpeklere hezil berenok.

Durdy Ýolbarsyň işi-pişesi möjek bilen itlerini uruşdyryp, deňşiz taýsyz goýun itlerini taýýarlamak. Durdy Ýolbarsyň elinden çykan köpekler atlyny atyndan, düýelini düýesinden agdarýar.

Mähelle gygyryşyp köpekleriň şowhunyny ýetirýär. Aňyrdan gelen Şyhym aga Gurban gyzyldişi, Durdy Ýolbarşyň , Ýolaman aşygyň ýanyna gelip:
-- Anha munyňyz bolýa! Ýogsa Awa seýsiň tapyndy gyzynyň üstünde tas özünüz gyrlyşypdyňyz!—diýip lah-lah gülýär.

***

Esgerler bir oduň başynda, gyzyň kakasy, gyz, Hüýrjemal, Awa dagy bir oduň daşynda naharlanyp otyrlar. Olaryň öňünde bol gowurma, şäherden gelen dürli kolbasa, gaýry zatlar. Elwira jedirdäp kakasyna başyndan geçirenlerini gürrüň berýär. Gyzyň kakasy ç
çalgyrdam bolsa türkmençe bilýär. Ol gyzynyň başyny sypalap:

--Awajan perişde ýaly adam ekeniň! Men gyzymy diri görerin öýtmeýärdim.. Ikimiz dogan okaşaly. Al arak-şerap içmeýänem bolsaň, meni agaň sanyp iç, menem seni inim sanyp içeýin. Yzyndan şu turşyja hyýary iý....

Turşuja diýen söze Hüýrjemalyň gözleri ýalpa açyldy. Ol gyza ümläp, hyýary görkezdi Elwira oňa hyýary alyp berdi. Hyýary bir dişlän Hüýrjemal dünýäni unudyp pyşyrdadyp iýip başlady. Onuň ýagdaýyna düşünen Elwira turşy-ajy zatlaryň ählisini onuň öňüne üýşürüp başlady. Gyzyň kakasy bilen Awa stakany başyna çekdi. Awa tamşanyp aýalyna ýuwaşja:

-- Hüýrüm, seniň agzyň bimaza bolup ýörmi ýa göwnümemi?

Hüýrjemal ýylgyryp baş atdy, ol begenjinden tas aýalyny gujaklapdy.....

Her hal at dükürdisi olary tisgindirýärdi. Hanha, ýerden çykan ýaly bolup Garyçgaýly Derýa dur. Hemmeler oňa aňk boldy. Elwira ony görüp „Derýa! Derýajan!“ diýip aýakýalan ylgap Derýa:

-- Awa kaka gyzy hossarlaryna tabşyrdyň gerek?

Awa seýis aňk bolup baş atdy. Elwira Derýanyň ýanyna bardy. Derýa egläge-de gyzyň goltugyndan tutup, bir silkende atyň öňüne,alyp basdy Garçgaýa gamçyny! Gyzyň kakasam, esgerlerem ýaragly ýaragyna ýapyşdy, emma awuny alan Derýa oka ýetdirjekmi? Awa seýis:

-- Saklanyň, atmaň olar biri-birini söýýär! Atmaň!

-- Elwira! Elwira! – diýip gyzyň kakasy bozlap gygyrdy.

Awa seýis ellerin agzyna tutup „Garyçgaýym gaýt!“ diýip sesiniň ýetdiginden gygyrdy, soňra barmaklaryny agzyna sokup sygyrdy. Ýüzün salyp barýan at aý berip yzyna aýlandy. Awa gygyrýardy, emma söwer ýary goluna düşen Derýa ata buýrup bilmezmi? Ol Garçgaýa dözümli gamçy çalyp ýaňadan ýüzüni beýewana tutdy. Esgerlerem atly atyna atlanyp kowmana taýyndylar..

Awa ataýmaň ol meniň oglumdyr, Elwira ikisi biri-birini söýýär. Men size olary getirip bereýin“ diýip elewreýärdi.

Ýaňadan kakasyndan, öz öwrenişen dünýäsinden aýrylyp barýan Elwira aglaýardy. Derýa gyza haýran galyp atyny saklady. Ol:
-- Eýse sen meni söýmeýärmiň? Sen meniň melikäm bolmak islemeýärmiň?
-- Söýýän! Söýýän! ... – diýip gyz hünübiýan aglap Derýanyň ýaňaklaryndan, ýüz-gözünden ogşap -- Indi ynandyň gerek söýýänime!? Ol aňyrdan ylgap gelýän kakasyna – Kaka! Kakajan diýip owsyndy.

Gyzyň kakasy ylgap gelişine:
-- Oglum, oglum gyzymy guma äkitme, sen oglum bol, hem körekenim bol—diýip ylgaýardy.

Şol pursat Öwez ýylky sürüsüni kowalap, gykuwlap annatdan aşdy. Derýany, onuň Garçgaýyny gören ýylkylar keerişip, kişňediler, horgurdylar. Derýa bir atlary bir aglaýan gyza, soňra ýaragly esgerlere seredip:
-- Söýmeýan bolsan kakaňa gowşuraýýas, Elwira—diýip ony atdan guş göteren ýaly edip düşürdi. Gyzyň kakasy gyzyny gujaklap aglaýardy. Atlar horgurup kişňeýärdi.

Derýa:
-- Derýa! Derýa, Hudaýym saňa ýol görkezip alnyňda belent maksatlar goýdy, senem bir gyz diýip nirä barýarşyň!—diýip ol atyna gamçy çaldy, maýak atym ýere baryp, mes atyny çalpaýa galdyryp:
-- Sen maňa garaş men seni hökman taparynam alarynam Elwira!!!

Derýa Garçgaýyna gamçy çaldy, Garçgaý tüwel eýläp, ýylky sürüsüni yzyna düşürüp aňňatdan aşyryp güw gitdi. Elwira kakasynyň boýnunda çabalanyp, çalnyp aglaýardy...

***

Birnäçe günden soň Awa seýis atly, düýeli aýaly bilen ýanaşyp gelýär. Hüýrjemal göz güldürüp adamsyna bakýar. Adamsy Awa:
-- Hüýrüm, Hüýrüm gördüňmi, biz Allanyň synagyndan geçdik, ol bize perzent eçilýär... Hüýrjemal owadan ýylgyrýar, Awa seýis şirwan perdä gygyrýar. Düňle çöle aýdym ajaýyp owaz bolup jan berýär...